# Uçar garyp gyzyñ dokan halysy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Uçar garyp gyzyñ dokan halysy UÇAR GARYP GYZYÑ DOKAN HALYSY




*«Uçmaz garyp gyzyñ dokan halysy»*
***Nobatguly Rejepow.***
Uçar garyp gyzyñ dokan halysy,
Edebi, ekramy ýerinde bolsa.
Hol, «Garybyñ gyzy Güljahan» ýaly,
Akyly hem huşy serinde bolsa.

Hem ýerinde bolsa namysy-ary,
Dogmundan don geýen ogul ýaly bor.
Onuñ gökde uçýan tämiz hyýaly,
Günleñ bir gününde uçýan haly bor.

Ol gyzyñ halysyn arşa göterjek,
Ili haýran eden haýa bolmaly.
Päkize niýetler, arzuw-umytlar,
Hökman gök ýüzünde aýan bolmaly.

Bu halyny dokan garybyñ gyzy,
Kül içinden çykan göwher ýalydyr.
Her kimiñ asmanda uçjak halysy,
Ýagşy niýetleri, ýagşy pälidir.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular